# TÜRKMENISTAN | TURKMENISTAN

TIER 1 | USCIRF-RECOMMENDED COUNTRY OF PARTICULAR CONCERN (CPC)

Birleşen Ştatlaryň Halkara Dini Azatlyklar baradaky Komissiýasy (BŞHDAK, iňlisçe "USCIRF") Döwlet Departamentinden aýratyn we tapawutly edaradyr. 1998-nji ýylda Amerikan Kongresi tarapyndan döredilip, bu garaşsyz we iki partiýa tarpyndan-da goldalynýan ABŞ hökümediniň maslahat beriji guramasy bolup, ol halkara standartlaryndan ugur alyp dünýä ýüzünde dini azatlyklara gözegçilik edýär we Prezidente, Döwlet Sekretaryna we Kongrese syýasat rekommendasiýalaryny berýär. BŞHDAK bu rekommendasiýalary biziň esaslandyryjy düzgünnamamyzdaky mandata, Adam Hukuklary boýunça Uniwersal Dekelrasiýada bar bolan standarltlara we beýelki halkara dokumentlere esaslandyrýar. 2017 Ýyllyk Hasabaty ýylyň dowamynda komissiýa wekilleri we professional işgärler tarapyndan ýerlerde düzgün bozmalary dokumentleşdirmek boýunça we ABŞ hökümedine garaşsyz syýasat rekommendasiýalaryny bermek boýunça edilen işiň jemlemesidir. 2017 Ýyllyk Hasabaty 2016-nji ýylyň 1-nji fewral aýyndan 2017-nji ýylyň 29-njy fewral arasyndaky döwri öz içine alýar, ýöne käbir ýägdaýlarda bu wagt çäginden soň bolup geçen görnükli wakalar hem bellenip geçilýär. BŞHDAK barada doly maglumat üçin edaranyň websaýtyna geçip, ýa-da 202-786-0611 telefon belgisine jaň edip, bilersiňiz.

## Türkmenistan

**Esasy netijeler:** 2016-nji ýylda, hökümediň hemmetaraplaýyn informasiýa kontrollygynyň täsiri bilen, Türkmenistanda dini azatlyklaryň aýratyn agyr bozulmalary saklanyp galýar. Hökümet dini toparlaryň hasaba alynmagyny talap edýär, registrasiýa prosedurasy gyt kontrollanyp oňa päsgilçiliklerini doredýär, hasaba alynmadyk toparlary gadagan edip olary jezalandyrýar. 2016-njy ýalda täze girzilen din kanuny hasaba alyş prosedurasyny hasda berkleýär. Hasaba alnan we hasaba alynmadyk dini toparlara bolan polisiýa reýdleri we azar bermeleri dowam etdi. Häzriki wagtda, iň azaynda, 20 Sünni Musulmanlary hususy dini okuwy bilen meşgul bolany üçin türmä basyldy; olaryň lideri, Bahram Saparow, alnan habrlara gorä gynamalara pida bolup 15 ýyla azatlygyndan mahrum edildi. Iki Iogowa Şaýady, Mansur Maşaripow we Bahram Hemdemow, maglumatlara görä gynamalra pida bolup dini işjeňlikleri üçin türmä basylandyrlar. Türkmen kanunçylygy harby gullugyň ýerine raýatlyk alternatiwasyny amala aşyrmaga ýol bermeýär we alty Iogowa Şaýadynyň ynsap esaslary boýunça gullukdan ýüz döndüreni üçin tussag edileni belli. Bu agyr hukuk bozulmalar sebäpli, BŞHDAK Birleşen Ştatlaryň hökümedine ýene-de 2017-nji ýylda Türkmenistany, Halkara Dini Azatlyklar Akty (HDAA) astynda, "aýratyn alada döredýän ýurt", ýa-da AADÝ, diýip bellemegi teklip edýär. 2014-nji ýylyň iýulynda Döwlet Departamenti Türkmenistany ilkinji gezek AADÝ hökmünde bellige aldy. BŞHDAK Türkmenistan üçin AADÝ belgisini 2000-nji ýylyň oktýabr aýndan bäri teklip edip gelýär.

### ABŞ-nyň Hökümedine Rekomendasiýalar

Ýakyndaky AADÝ diýip bellemegi ABŞ hökümedini dini azatlyklary gowulandyrmak baradaky çäreleri gepleşmäge, hem-de Türmenistany düýpli reformalar esasynda  bu sanawdan aýyrmaga

ýol döretmäge iterýär. ABŞ-nyň hökümedine Türkmenistany AADÝ diýip bellemegi teklip etmegiň üstesine, BŞHDAK ABŞ-nyň hökümedine şu aşakdakylary amala aşyrmagy hem teklip edýär:

- HDAA esasynda Türkmenistanty AADÝ diýip bellemigini dowam etmeli;
- Türkmenistany AADÝ diýip bellemegiň netijesinde iki döwletiň arasynda hereketinden ýüz dönderilmegiň döränine garmazdan, öz içine esasy kanuny reformalary we ýetilmeli sepgitleri alýan, polisiýa reýdleriniň soňuna çykýan, tussaglaryň boşadylmagyna we daşary ýurtdaky dindeşlere giňişleýin elýeterlilik döredýän belli we manyly reformalary gazanmak üçin HDAA-nyň 405(c) seksiýasy astynda Türkmenistanyň hökümedi bilen borçly edýän ylalaşygy baglanşmaly; ylalaşyk baglanşylmadyk ýagdaýynda, HDAA laýyklykda, gerekli sanksiýalry girizmeli;
- ABŞ-nyň Hazyna Departamentiň Daşary Ýurt Emläk Kontrol Ofisi tarapynda ýöredilýän "ýörite bellige alnan raýatlary" listi, Global Magnitskiý Adam Hukuk Jogapkärçilik Aktynyň we HDAA-nyň 604(a) seksiýasy ýaly hukuk gurallaryna esaslanyp, adam hukularyny bozan ýa-da olaryň bozulmagyna ýardam beren, esasanam dini azatlyklaryny kesgir bozan, hökümýet wekillerini we edaralaryny nyşana alyp, olary wizadan inkär etmek we Global Magniyskiý Aktynyň esasynda olaryň kapitalyny doňdurmaly;
- Türkmenistanyň ýokary dereje hökümýet wekillerini asuda dini işjeňlikleri üçin ýa-da dini ynaçlary esasynda türmä basylan adamalary azat edilmegini, tussagda saklanýanlary adam-laýk ýagdaýda saklanylmagy we olara öz maşagla wekilleri bilen; adam hukuklaryny monitor gözegçilik edýänler, ýuristler bilen görüşmek hem-de gerekli lukmançylyk kömegini almaga mümkinçiligi bermäge zerur şertleri döretmäge çagyrmaly;
- ABŞ-nyň Ilçihanasy, şol sanda ilçi derejesindäki işkärler, adam hukuklary aktiwistleri we dini ýobaşçylary bilen aktiw kontaktlary saklamaly;
- Türkmen hökümetini ABŞ-nyň we Merkezi Aziýanyň adam hukulary, şol sanda dini azatlyk we beýleki dini meseleleri bilen işleýän raýat jemgyýet gurnamalrynyň wekilleriniň anyk tertipde ýurda sapar etmegine razylaşmaly;
- Türkmenistandaky dini azatlyklar we degişli adam hukuklary baradaky ýagdaýy baradaky aladalry ÝIK ýaly ikitrapalaýyn ýygnaklarda, hem-de BMG we ÝHHG ýaly degişli halkara forumlarda orta goýmaly;
- Aşgabtda ýerleşen BMG-nyň Merkezi Aziýada Prewentiw Diplomatiýa boýunça Regional Merkezine (UNRCCA) we ÝEHG-nyň öz işiniň içine adam hukuklar aspektini ýokarlandyrmagy, esasanda dini azatlyguna degişli meseleleri, almagyna çagyrmaly;
- Türkmen hökümedini BMG-nyň Dini Ynançlaryň Azatlygy baradaky Ýörite Habarçysynyň ýene bir gezek ýurda sapar etmegine razylaşmaga, hem-de Kazyýetiň Garaşsyzlygy boýunça we Adam Gynamak boýunça Habarçylaryň saparlaryna razylaşmaga çagyrmaly, sapar üçin anyk seneleri bellemeli, hem-de olaryň saparlary üçin ähli we zerur şertleri döretmäge çagyrmaly;
- ABŞ tarapyndan Azatlyk Radiosynyň maliýe goldawyny dowam etmeli; we

- ABŞ-nyň Parahatçylyk Korpusynyň işiniň gaýtadan başlanmagy üçin basyş etmegi dowam etmeli;

**Meseläniň taryhy**

Türkmenistanyň çaklamalar boýunça jemilikde 5.1 million ilaty bar. Dini ynançlar barada resmi Türkmen maglumatlary elýeterli däl; ABŞ hökümediniň çaklmalaryna görä ýurduň 85%-i Sünni Musulmanlary, 9%-i Rus Prawoslawlary. Beýleki kiçi dini toparpalry Şaýy Musulmanlary, Iogowa Şaýatlaryny, Ýewreýleri, we Ýewengalist Hristianlary hem bardyr.

Türkmenistan öňki Sowet Soýuzynyň çäklerindäki iň ýapyk döwlet. 2006-njy ýylyň ahyrynda aradan çykan ýurduň birinji Prezidenti Saparmyrat Nyýazowyň Türkmenistanyň jemgyýetçilik durmuşynda dine-çalymdaş şahsyýet kulty agalyk etdi, hem-de bu şahsyýet kulty onuň Ruhnama kitabynda esaslandyryldy we ol kitap ýurduň dini we bilim sistemalaryna girizildi. 2007-nji ýylyň başynda prezidentlik wezipesini eline alanyndan soň, Prezident Gurbanguly Berdimuhammedow 11 sany syýasy tussagyň, şol sanda öňki baş müftiniň, boşadylmagyny buýurdy; Nyýazowyň şahsyýat kultyna belli bir çäklendirmeler girizdi; iki sany täze resmi adam hukuklary komissiýalaryny esaslandyrdy; hem-de 13 sany kiçi dini toparlary hasaba aldy. Ol ýurduň içindäki syýahat üçin polisiýa kontrollygyny ýeňilleşdirdi we Türkmenistanyň daşky dünýä üçin birazyrak açyk bolmagyna ýol berdi.

Emma, mundan beýläk, Prezident Berdimuhammedow ýurduň agyr kanunlaryny üýtgetmeýär, repressiw kontrollyk edýän döwlet strukturasyny ýerinde saklaýar, hem-de hemme ýerde göze ilýän prezidentiň şahsyýet kultyny gaýtadan döredýär, 2016-njy ýyldan başlap mekdep okuwçylary onyň alty gol ýazmalarynyň birini okamak mejburdyr. 2016-njy ýylyň sentýabr aýynda kabul edilen Türkmenistanyň täze konstitusiyasy 5 ýyllyk prezident möheltini 7 ýyla çenli artdyryp, 70 ýaşlyk president ýaş talabyny goýbolsun edýär; bu bolsa Berdimuhamedowyň ömürlik prezident bolmagyna kanun easysyny döredýär. Türkmen hökümýeti informasiýon izolýäsiýa kompaniýasyny dowam edýär, şol sanda internet we beýleki maglumat çeşmeliri döwlet tarapyndan kontrollanýar; žurnalistler, şol sanda ABŞ tarapynda maliýe goldawyny alýan Azatlyk Radio (Radio Free Europe/Radio Liberty (RFE/RL)), döwlet tarapynda azar berlip türmä basylýar. 2017-nji ýylyň fewral ayynda, Berdimuhamedow 97% ses bilen saýlawlar kompaniýasyny ýeňip prezidentlik möhletine täzeden saýlandy, bu saýlaw kompaniýasy halkara gözegçiler tarapynda adalatsyz diýip hasaplanýar.

Türkmenistanyň çäklerine birikýän Owganystanyň demirgazyk böleginde 250 000 golaý Türkmenlari ýaşaýar. Döwlet maglumatlaryna görä olaryň arasynda Yslam Döwletine tarapdarlary hem bar. Bu bolsa dini radikalizmiň serhetden geçip Türkmenistana ýaýramak mümkinçiligi barada aladanyň artmagyna getirýär. 2016-njy ýylda Afganistanyň Taliban wekilleri hüjüme geçip Türkmenistanyň 27 serhetçisini öldüripdriler.

**Dini Azatlyk Ýagdaýy 2016-2017**

***Dini işjeňliklere Hökümediň kontrollygy:*** Türkmenistanyň täze Konstitusiýasy, könesi ýaly, dini azatlyga güwä geçmegi, diniň döwletden aýratyn bolmagyny, hem-de dine ýa ynanja seretmezden hemmelere deňligi göz öňünde tutýär. Emma Türkmenistanyň kanuny we döwlet tejribesi bu belliklere garşy gelýär. 2013-nji ýylyň Din Kanunyň ýerini alýan täze kanuny 2016-njy ýylyň aprel aýynda güýje girdi. Täze kanuna laýyklykda dini jemagatyny esalandyrmak üçin adamyň minimum sany 5 adamdan 50 kemal geçen raýata çenli ýokarlandyryldy. Bu kanun berk hasaba alyş kriteriýasyny dowam edýär, hasaba alynmadyk dini toparlar tarapyndan ähli işjeňlikleri gadagan edýär; ähli daşary ýurt maliýe goldawy barada döwletiň habarly edilmegini talap edýär; hususy öýlerde hudaýa çokunmagy we hususy dini bilim almagy gadagan edýär we diňe ruhanylara jemgyýetçilik ýerlerinde dini eşik geýmäge ýol berýär. Hasab alynmadyk dini toparlaryna hudaýa çokunmak ýerlerini hakyna tutmak, satyn almak, ýa-da gurmak gadagan bolup, bu herketler işjeňlikler üçin hasaba alnan toparlardan ýetmezçilike boloup duran rugsatnamnalry talap edýär. Adalat Ministirlegiň wekilleri hasaba alnan toparlaryň çärelerine haçanda bolsa barmagyna we olaryň wekillerinden dini işjeňlikleri barada gepleşik geçirmäge hukuk berýär. Harby gullukda we türmelerde dini işjeňlikleri gadagan.

Hökümet tarapyndan bellenilen Din Işleri boýunça Geňeşi (DIG) we Dini Maglumat barada Bilermenleriň Analizleri, Çap ýa-da Neşir edilen önümçilikleri, Ministirler Kabinetine hasabt berýär, ol Türkmenistanyň öňki baş imamy Mekan Anyýew tarapyndan ýolbaşlanyp, dine degişli işjeňliler Adalt Ministrligine göndürilimegizden öň onuň makullygydan geçmelidir. Mundan başgada hasaba alynmak üçin Daşary Işler Ministiriň Birniji Orunbasarynyň, Baş Prokuroryň, gizlin polisiyanyň, Içeri Işler Ministrligiň, we Daşary Ýurt Raýatlary Hasaba Alyş Gullugynyň birinji orunbasarynyň makullygy gerek. Hasaba alyş rugsatnamasy seýrek berilýär, esasanda döwlet tarapynda hallanylmaýan toparlary Türkmen raýatlary tarapynda esaslandyrlan Musulman däl toparlary üçin hasaba alyş registrasiýasy hasam seýrek berilýär. Registrasiýa inkärlikleri aç-açan tertipde geçirilýär.

Türkmenistanyň döwlet maglumatlaryna laýyklykda, 2016-njy ýylyň noýabr aýyndan bäri 130 sany dini topary hasab alyndy: 106 Musulman (101 Sünni, 5 Şaý), 13 Prwoslaw, we 11 sany beýleki dini toparlar. Käbir toparlar wagt talap edýän we aç-açan bolmadyk prosesisdigi üçin hasaba durmazlyk kararyna geldi. Käbir Şaýy Musulman, Ermeni Apostol ybadathanasy, Protestant toparlary, hem-de Iogowa Şaýatlary bolsa özleriniň hasaba almagy haýyş edýän birnäçe arzalarynyň yzyna gaýtarylmagyna sezewar boldular.

2016-njy ýylyň dini kanuny dini jemgyýetleriň içerki ýolbaşçy saýlaýyş we guramaçylyk işlerini alyp baryş işlerine Türkmen hökümýeti tarapyndan haýyş edilse gerekli örzgerşleri girizmegi talap edýär. Hemme hasaba alnan dini jemgyýetleri täze kanuna laýklykda hasaba alyş proseduranу täzeden geçmelidigi barada habar edildi, emma 2016-njy ýylyň dekabr aýynda bäri Adalat Ministrligi gerekli kanunlary halka öndürmedi.

Mundan beýläk, Türkmen hökümýeti dini azatlyklardan peýda almak üçin kanunda ýazylmadyk şertleri talap edýär. Meselem, dini ýolbaşçylar we ynanýanlardan gizlin polisiýa bilen hyzmatdaşlygy saklamgy talap edilýär.

***Dini işjeňlikleri üçin jeza:*** Hasaba alnan we hasaba alynmadyk dini toparlara bolan gizlin polisiýa reýdleri, esasy polisiýa (esasanam terrora garaşy topary, we jenaýatçykyga garşy toparynda), ýerli hökümýet, we ýerli DIG wekilleri tarapyndan we azar bermeleri dowam edýär. Hökümet dini we adam hukuklary buýunça işler üçin türmä basmak, mejbury derman bilen bejeriş we jerime salmak ýaly ýowuz jezalary girizmegini dowam edýär. Ýakyn ýyllarda Musulmanlar, Protestantlar we Iogowa Şaýatlary tussag edildi, jerime sezewar edildi, türmä basyldy ýa-da öz dini ynançlary üçin ýurduň içinde sürgün edildi. Politiki taýdan duýgur sudlary "ýapyk režimde" azatlykldan mahrum edilen uzaklyklary märekä aýdylmaýar.

Türkmenistanyň hökümedi Gyzyl Hajyň Halkara Komitetine ýurduň türmelerine barmaga ýol berenok. BMG-nyň Gynamaga Garşy Komitetiniň maglumatlaryna görä Tükmenistanyň türmelerinde adamlar fiziki gynama we beýleki agyr şertlere sezewar edilýär. Dini ynsap tussaglarynyň köpüsi Lebap welaýatynyň çölündäki Seýdi zähmet koloniýasynda ýa-da Aşgabadyň demirgazygynda, garagumda ýerleşen ýokary howpsyzlyk Owadan-depe türmesinde saklanýar. "Olaryň diridigini subut et" diýlip tanalýan döwlete degişli bolmadyk guramalaryň koalisiýasynyň maglumatlaryna görä bu informasiýa ýetmezçiligi 80 syýasy we dini tussaglara hem degişli. Musulman ynsap tussaglarynyň türmedäkileriniň sany näbelli. Garaşsyz Alternative Türkmen Habarlaryna (ATH) görä, 2014-nji ýylda bäri "wahabizmde" günäli tapylan 120 adam Owadan-depe türmesine basylyp, olar hiçhili düwünçek alyp bilmän, olara garyndaşlaram sapar salyp bilenok. "Wahaby" Saudi Sünni Islam ýorgudyna yanaýan adamlary teswirlemek üçin ulanylýar, emma Merkezi Aziýada "wahaby" köplenç islendik dine doly ynanýan musulmany, şol sanda politik garşydaşy we Islamy hususy tertipde döwlet strukturalaryndan aýratyn işjeňleýän adamlary beýan etmek üçin ulanylýar.

Musulman ýolbaşçysy Bahram Saparow 15 ýyl azatlykdan mahrum edilip Owadan-depä basyldy. Saparow, 34 ýaşynda, 3 gezek höküm edildi, iň ýakynda 2016-njy ýylyň iýunynda, ol izolýasiýada saklanyp, maglumatlara görä, ony rehimsizlik bilen urupdyrlar; ol Hanfi Sünni Musulman toparyna baştutanlyk edip Türkmenabatda öz öýünde Islamy öwrenmek maksady bilen ýygnaklary geçiripdir. Forum 18-e görä, 2013-nji ýylyň may aýynda ýapyk režimde gerçirilen köpçülikleýin sudyň netijesinde, Saparow we toparda bolan beýleki 20 adam jenaýat etmişi üçin dürli möhlet bilen azatlykdan mahrum edildi. ATH-nyň habarlayna görä, 2017-nji ýylyň ýanwar aýynda Saparow we toparyň beýleki iki agza, Lukman Ýaýlanow we Narkuly Baltaýew, 2016-njy ýylyň ikinji ýarymynda Owada-depde aradan çykypdyrlar; maglumatlara görä Baltaýew ölende onuň göwre agramy 25 kilogramdy.

ATH Annamurad Atdaýew we Ýoldaş Hojamuradow barada aýratyn maglumat berdi. 2016-njy ýylda gorag astyna alynmazadan öň, Atdaýew Müsürden okuwy tamamlap gelenden soň, ol radikal Islamyň tarapdary diýip gümän edilip, Howpsyzlyk Ministirligi (HM) tarapyndan yzygiderli gepleşige çagyrylypdy. Dekabyr aýnda bolsa ol dürli jenaýatçylyk etmişleri üçin höküm edildi, şol sanda "durmuş, milli we dini ýigrenç ýa-da duşmançylyk" joşmaklyklary

döredip we bikanun usul bilen hökümedi çalyşmak maksady bilen meýilnama düzemek etmişi üçin höküm edildi. Atdaýew barda reportyň soňky döwürlerinde ol Owadan-depde izolýasiýada saklanypdy. Hojamuradow, Atdaýwiň ýagdaýna sezewar bolamzlyk üçin, 2016-njy ýylyň dekabr aýynda özüni asyp janyna kast etdi, ol wahabizm tarapdary diýip hüküme tutulypdy we öz Musulman arkadaşlanrynyň habarnama ýazmagy üçin HM tarpyndan azar berilipdi.

2017-nji ýylyň fewralynda Azatkyk Radiosynyň Türkmen Habarlar Gullugynyň (ARTHG) maglumatlaryna görä, 2016-njy ýylda 150 adamyň takmynan 30 Türkiýeden sürgün edilen Fetullah Güleniň Hizmet hereketi bilen bagly bolany üçin, belkem Türkiýäniň hökümediniň haýyşyna makullamak maksady bilen, türmä basyldy. Iki telekeçi, Resul Atageldiýew we Döwlet Ataýewm 25 ýyl azatlykdan mahrum edildi. Maglumatlara görä 2016-njy ýylyň dekabr aýynda, hizmet etmişi üçin türmä basylanlaryň köpüsi soraglanmanyň dowamynda rehimsizlik bilen uruldy.

2014-mji ýylyň iýul aýynda, Daşoguz welaýatynda polisiýa Mansur Maşaripow Iogowa Şaýadynyň öýunde reýdi geçirdi. Polisiýa dini kitaplary elden alyp, olary ýok etdi. Maşaripow bir näçe wagtyň dowamynda narkotik klinikasynda saklandy, ol ýerde ol fiziki gynawlyklara sezewar edilip, zor salnyp nätanyş dermanlar bilen 'terapiýa' geçirildi. Maşaripow klinikadan gaçanda şoň, 2016-njy ýylyň iýun aýnda täzeden gorag astyna alnandan soň ol polisiýa ofiserine hüjüm salany üçin 1 ýyl azatlykdan mahrum edildi. Maşaripow polisiýa ofiserine hüjüm edenini boýun alanok. 2015-nji ýylda Türkmenabat şäherinde dini ýigrenç ýa-da duşmançylyk ýaýratmak ýalan höküm esasynda, Iogowa Şaýatlaryny ýygnanşygyny geçirenden soň Bahram Hemdemow 4 ýyl azatlygyndan mahrum edildi; maglumatlara görä ol türmede gynamalara sezewar edildi. Iogowa Şaýatlaryny azatlykdan mahrum edilip we jerimelere sezewar edilildi, esasanam BMG ýüz tutmak hukuklaryny talap edelenri üçin.

2016-njy ýylyň fewral aýnda, Beýik Protestant Ybadathanasynyň wekilleri öz ynamyny başga adamlar bilen sözleşmek maksady bilen Tejen şäherine gideni üçin ybatdahananyň wekillerine jerime salyndy. Mekdepler administrasiýasynyň wekiller Protestant mugallymlaryny işden boşadyp, olara azar berip we dininden ýüz urmagy talap etdiler. Forum 18-e görä, gizlin polisiýa hasaba alnan Mary şäheriniň Baptis ybadathanasynyň wekiline 2016-njy ýylda çagalar tomus lagerini geçirmäge gadagan etdiler. Muftiler imamlary şol sanda welaýat imamlaram belleýär, welaýat imamlary ýerli imamlary belleýär, olar bolsa ýerli mollalary belleýär. Bellemelriň bary gizlin polisiýanyň rugsadyny talap edýär. Anna gün imam dilegleri we çykyşlary döwlet maglumatlaryny ýetirýär; Adalt Ministrligi imamlara käbir temalary gepleşige çykarmagy gadan edýär, dilegler gysga prezidentiň bähbidine niýetlenen dilegler bilan gutarýar.

***Içerki dini işlere Hökümediň gatyşmagy***: Türkmen hökümedi dini jemgyýetleriň içerki ýolbaşçy saýlaýyş we guramaçylyk işlerine gatyşýar. Sünni Islamy döwlet tarapyndan ýol berilýän ýeketak Islam görnüşidir, Sünni Mufti (Musulman Ruhy Administrasiyasy) döwlet tarapyndan gyt kontrollanýar. Baş mufti we ýokary dereje işkärleri Adalat Ministrligi tarapynda bellenilýär, olar DIG işkärler hökmünde işläp başga dini toparlaryň işjeňliklerenie gözegçilik edýär.

Froum 18-e görä, ýurduň azlyk dini toparlarynyň iň ulusy Moskwa Patriarhal Ors Prawoslaw Ybadathansay (MPOPY) bir näçe gezek şowhunsyz Türkmenistanda resmi wekilçiligini gurnajak boldy. 2016-njy ýylyň noýabr aýynda iki daşary ýurt MPOPY-yň ierarhlary bu meseläni çözmek maksady bilen Türkmenistana geldiler. 2016-njy ýylyň iýun aýnda Türkmen döwlet wekilleri Grigoriý Boçurow Ahuny ýurtdan çykmagy talap etdiler; ol Orsýediň raýaty bolup dört ýylyň dowamynda patriarhatyň dekanat sekritary we Aşgabadyň Pir Nikolaý Ybadathanasynyň ýokary ahuny bolup gulluk edipdi.

Metjitlerde berilýän esasy dini okuwlarynda we MPOPY tarapynda hödürlenýän okuwynda başga resimi dini okuwlary düýbünden gadagan. Dini toparlary leksiyalar, kurslary ýa-da beyliki dini okuwlaryny gurnamak gadagan edilen. Aşgabt şäherindäki Türkmen Döwlet Uniwersitetiniň tryhy fakultetniniň Musulman teologiýa bölümi ýekeje kadadan çykma bolup durýar. Bu bölüm döwlet tarapyndan imam okuwyny bermäge rugsat berilendir, emma talyplaryň sany örän az mukdarda, daşary ýurt mugallymlary gadagan, talyplaryň bary döwlet we gizlin polisiyanyň rugsady bilen makullanmaly.

***Çokunma öýlerine bolan çäklenmeler:*** Täze dini kanuny hasaba alnan dini toparlara emläk edinmäge we gerekli rugsatnamalry DIG-dan we ýerli häkimlikden alandan soň çokunmak ýerlerini gurmak rugsat berýär. Emma dini toparlay emläk we çokunmak ýerini edimek üçin uly kynçylyklary çekýär.

2016-njy ýylyň aperl aýynda Sünni Aksa Metjidi 14 sany döwlet tarpynda ýykylan şäher metejitleriň 8-njisi boldy. Metjit, 1990-njy ýylyň ortalyrynda ýerli adamlaryň bagyş eden pullarynyň üsti bilen gurlyp, 100 golaý adamy öz içine sygdyrýardy; ARTHG maglumatlaryna görä, ýerli häkimýet metjit rugsadsyz gurlansoň ony ýykmaly bonldagy barada aýdypdyrlar. Ýakynda ýykylan metjitleriň köpüsi Sünni Musulman metjitleridir.

2005-nji ýylda Daşoguzda hasaba alnan Pentakostal Laýt Gündogar Ybadathansay 2015-nji ýyldan başyndan bäri çokunmak üçin ýygnanşyp bilenok; çokunmak ýeri bolman, emläk hakyna tutma jaý eýeleri döwlet trapynda azar berilen soň dini işjeňlikelri üçin emlagi hakyna bermäge islänoklar.

Din kanuny dini edralary olaryň öňki çokunmak ýerlerini almakda birinji nobatda goýýan bolsada, Ermeni Apostol Ybadathanasy häzire çenli Türkmenbasý şäherinde ýerleşen, Sowet döşründe döwlet hasabyna geçirilen we kä bir bölegi ýykylan, 2012-nji ýylda prezident Berdimuhamedowyň gaýtaryp berjek diýip ykrar etmegine garamazadan, öz öňki ybadathanasyny yzyna alyp başaranok. 2015-nji ýylda MPOPY Patriarh Kirillyň Sowiet döwründe Türkmenistanda döwlet hasabyna geçirilen ybadathanalry yzyna gaýtaryp bermek arzasyna jogap berilmedi.

***Dini edebiýatynyň Hökümediň kontrollygy:*** “Bikanun” dini edibaýatynyň gözlenmegi we elden alynmagy hemişelik haýbat bolup durýar. Dini kitaplar Türkmenistanyň içinde çap edilmäge goýberilmeýär, olary diňe hasaba alnan dini toplumlary kanun tarapyndan bellenen tertipde gyt döwlet senzurasynyň astynda ýurda import edip bilýärler. Hemme dini kitaplary we edebiýaty DIG trapynda tassyklanmalydyr; tassyklanmadyk dokumentler döwlete geçirilip, olaryň eýeleri jezalandyrlar. MPOPY dini kitaplary halka satmaga hukugy bolsada DIG olary tassyklamalydyr. Protestant ybadathanasy Hristian Jemgyýetini hasaba aldyryp bilmän Hristian dini halka ýetirp bilmän, Hristian dinine degişli kitaplary satyp bilenok.

***Daşary ýurt syýahat döwlet çäklendirilmeleri:*** Hökümet köp raýatlara, aýratynam dini çärelere gidýänlere, daşary ýurda syýahat etmäge ýol bermezligini dowam edýär. Rus-Türkmen iki graždanlygy bolan takmynan 110 000 töweregi Rus Prawoslawlary üçin daşary ýurtlardaky öz dindeşleri bilen duşmak we dindar tälimini almak aňsadyrak. Ýöne Musulmanlara dini tälim üçin daşary ýurda gitmäge ýol berilmeýär we hökümet haja gitmegi hem çäklendirýär. 2014-nji ýylda 650 türkmen Musulmanynyň Mekgä gitmegi üçin kwota soralypdyr. Bu san öňki 188-den artan bolsada, bu entegem ýurduň kwotasynyň diňe ýediden bir bölegindenem az. Forum 18-iň maglumatyna görä, musulmanlar köplenç haja gitjekleriň spisogyna düşmek üçin 11 ýyla çenli garaşmaga mejbur bolýarlar.

***Ynançlary sebäpli gullukdan ýüz döndürýänler:*** Türkmenistan ÝEHG-nyň täze konstitusiäda ynanç sebäpli gullukdan ýüz döndürme ýaly halkara adam hukular kepilliklerini ykrar etmek çagyryşlaryny hasaba alanok. Türkmen kanunçylygynda yançlary sebäpli gullukdan ýüz döndürýänler üçin harby gullygyň raýatlyk alternatiwasy ýok. Habarlara görä şeýle kanun 2013-nji ýylda taýýarlanypdyr ýöne güýje girizilmändir. Gullukdan ýüz döndürenler iki ýyla çenli türmä basylyp bilýärler. 2009-njy ýyla çenli Türkmen hökümedi şertli jezalary berdi, ýöne ondan bäri ýüz döndürijiler türmä basylýar. 2016-njy ýylda, 6 ynanç sebäbli gullukdan ýüz döndürenlere – bary Iogowa Şaýatlary – Türkmenistanda höküm edildi: 5-ne şertli jeza berildi; 6-jysyna öýden çykmaga gadagan edilip onuň aýlygynyň 5/1 döwleyt hasabyna geçirildi. 2016-njy ýylda BMG-nyň Adam Hukuklar Komiteti täzeden Türkmenistan garşy bolan ynanç sebäbli gullukdan ýüz döndürenler barada netijenamalaryny çykardy.

## ABŞ Syýasaty

Soňky onýyllygyň dowamynda ABŞ-nyň Merkezi Azaýadaky syýasatynda Owgan urşy agalyk etdi, adam hukuklar we dini azatlyklar meselelerine köp ünüs berilmeýärdi. Türkmenistanyň Owgansytana we Eýrana ýakynlygy we olar bilen paýlaşýan ilat toparlarynyň bardygy üçin, hem-de onuň ägirt uly gaz zapaslarynyň bardygy sebäpli, Birleşen Ştatlaryň ýurda bolan esasy howpsyzlyk we ykdysady gyzyklanmalary bar. Resmi taýdan bitarap bolsada, Türkmenistan Owganystandaky Halkara Howpsyzlyk Kömek Güýçleri (HHKG) we ABŞ goşunlaryna zerur zatlary ýetirmekde Demirgazyk / Paýlaýyş setinde bolsada, ýurt Aşgabat halkara aeroportynda ABŞ-nyň ölüme getirmeýän üpjünçilikleri alyp barýan uçarlaryna ýangyç guýmaga ýol berdi.

Terrorizme garşy operasiýalaryň dowamynda, habar berilmegine görä, ABŞ-nyň ýörite güýçlerine türkmen hökümediniň rugsady bilen “her ýagdaýa aýratyn seretmek” arkaly Türkmenistana girmäge rugsat berlipdir.

2016-njy ýylda, Döwlet Departamenti C5+1 ýygnagy, Merkezi Aziýanyň Daşary Iş Ministrleriniň bäşisini we ABŞ-nyň wekilini köptaraplaýyn ýgnagyny dürli meseleleri, şol sanda esasy azatlaklar meselesini gözden geçirmek maksady bilen ýygnagy geçirdi. Öňki geçen C5+1 duşuşygynda “halkara hukugynyň üsti bilen adam hukuklaryny goramak, demokratik gurnamalaryny we tejribelerini berkitmek, we jemgyýet gurnamalaryny berkitmek” maksatlaryny göz öžüne alýan deklarasiýa ykrar edildi. C5+1 regional biznes forumy üçin gerekli mehnizmi hödürleýän hem bolsa, ol  jemgyýetçilik gurmalary üçin forumy göz öňüne tutmaýar.

2009-njy ýylda Döwlet Departamenti tarapyndan başy tutulan Ýyllyk Ikitaraplaýyn Konsultasiýalar (ÝIK) Birleşen Ştatlar we Türkmenistan üçin ikitraplaýyn meseleleriň giň toparyny, şol sanda regional howpsyzlyk, ykdysady we söwda gatnaşyklaryny, sosial we medeni gatnaşyklary, hem-de adam hukuklaryny, maslahat etmek üçin gaýtalanyp durýan mehanizm. ÝIK-yň 4-nji sessiýsy 2015-nji ýylyň oktýabyr aýynda Waşingtonda geçirildi we Türkmenistanýn dini azatlyklary barada aladalar adatça şu forumlarda öňe sürülýärdi. 2016-njy ýylda gerekli wagtyň tapylmazlygy sebäpli ÝIK geçirilmedi, bu bolsa ABŞ-ny adam hukular, şol sanda dini azatlyklar meselerini gozgamak mümkünçiliginde mahrum etdi.

Birleşen Ştatlaryň hökümedi Türkmenistanda şu ugurlary goldaýan programmalary maliýeleşdirýär: medeni ugurdan okuwçy çalşyk programmalary, bilim, we taryhy ýadygärlikleri goramak programmalry, şol sanda Daşoguz, Mary we Türkmenabat şäherlerinde mugut iňlis dilini öwrenmek mümkinçiliklerini artdyrýan we okuw materiallaryny üpjün edýän Amerikan Burçlaryny goldamagy. Emma ýakyn ýyllarda, Türkmen hökümedi köp okuwçylara ABŞ tarapyndan maliýeleşdirilýän okuwçy çalşyk programmalaryna gatnaşmagy gadagan etdi we 2013-nji ýylda Parahatçylyk Korpusyna onuň ýurtdaky 20 ýyllyk işini bes etmegini buýruk berdi.

2016-njy ýykyň oktýabr aýynda, Döwlet Departamenti özüniň dini azatlyklar boýunça ýyllyk hasabatyny ýaradanynda, Türkmenistany ýenede “aýratyn alada döredýän ýurt” hökmünde yglan etdi, Türkmenistan bu stausa 2014-nji ýylyň iýulyndan bäri eýe bolup dur.  Öň Döwlet Departamenti “kiçi dini toparlaryň saklanylmagy we türmä basylmagy, dini edebiýätlary import etmäge çäklendirmeleri, dini toparlaryň hasaba alynmak hukularynyň, we yançlary sebäpli gullukdan ýüz döndürýänler üçin harby gullygyň raýatlyk alternatiwasy ýok” esas görkezdi. Prezidentiň “ABŞ-nyň wajyp milli gyzyklanmasy” atly işinde Türkmenistan hereketinden ýüz dönderilmegi bu bellige alnyş bilen baglanyşdyryldy.